Hormatly Prezidentimiziň parasatly, öňdengörüjilikli baştutanlygynda Watanymyzyň halkara abraýy barha artýar, halkara gatnaşyklarynda ýokary netijeler gazanylýar. Ýurdumyzyň bitarap, parahatçylyk söýüjilikli daşary syýasatda gazanýan üstünlikleriniň netijelerine Birleşen Milletler Guramasy bilen hyzmatdaşlygyň mysalynda aýdyň göz ýetirmek bolýar. 1992-nji ýylyň 2-nji martynda Türkmenistan Birleşen Milletler Guramasynyň doly hukukly agzalygyna kabul edildi. Halkara hyzmatdaşlygynyň 30 ýyllyk tejribesinde, taryh üçin uly bolmadyk döwrüň içinde ösüşe gönükdirilen umumadamzat bähbitli netijeli işler ýerine ýetirildi. Soňky on ýylyň içinde dünýä bileleşigi bilen hyzmatdaşlyk has-da işjeňleşip, giň gerime eýe boldy we täze many-mazmun bilen baýlaşdy.

Türkmenistan häzirki wagtda dünýäniň ençeme döwletleri bilen diplomatik gatnaşyklary we söwda-ykdysady hyzmatdaşlygy alyp barýar, dünýä ýurtlarynyň ençemesinde döwletimiziň ilçihanalary we wekilhanalary işleýär. Munuň özi Watanymyzyň halkara abraýynyň barha dabaralanýandygyny görkezýär.

Şonuň ýaly-da BMG-niň doly hukukly agzasy bolmak bilen, halkara konwensiýalaryna, maslahatlaryna yzygiderli gatnaşyp, bütindünýä guramasy bilen bilelikde strategik hyzmatdaşlygy pugtalandyrmaga gönükdirilen möhüm maksatnamalar bilen çykyş edýär. Şeýle hem, ýurdumyzda halkara maslahatlar, sammitler, forumlar yzygiderli geçirilýär. Hut şolar ýaly maslahatlaryň biri hem “Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly: durnukly ösüşi üpjün etmekde sebitara ykdysady hyzmatdaşlygyň orny” atly halkara maslahatydyr.

Bu maslahatyň geçirilmeginiň  esasy özenini Türkmenistanyň daşary syýasy ugry halkara parahatçylygy, howpsuzlygy hem-de durnukly ösüşi üpjün etmäge ýardam bermek; dünýäniň syýasy giňişliginde Türkmenistanyň ornuny güýçlendirmek; halkara gatnaşyklary ulgamynda döwletimiziň milli bähbitlerini yzygiderli goramak ýaly belent maksatlardan ugur almak bilen, Türkmenistanyň daşary syýasatynyň öňünde howpsuzlygynyň toplumlaýyn we ygtybarly ulgamyny üpjün etmek, ýurduň garaşsyzlygyny we özygtyýarlylygyny berkitmek, şeýle-de Türkmenistanyň Hemişelik bitaraplyk hukuk derejesine gyşarnyksyz eýermek bilen, halkara parahatçylygyň, howpsuzlygyň we durnukly ösüşiň pugtalandyrylmagyna ýardam bermek ýaly ugurlar düzýär.

Bu günki gün agzybir halkymyz Magtymguly Pyragynyň: «Türkmen ilim, eý, adamzat!, Azat il, güzer gözlär men» – diýip arzuw eden ajap döwranynyň gujagyna doldy. Biz gül Diýarymyzy, gözel tebigatymyzy, berk binýatly berkarar döwletimizi, arassa asmanymyzy, genji-hazynaly topragymyzy, dertlere şypa bolan tämiz howamyzy, jana tenekar suwumyzy, şonuň ýaly-da dünýä ýüzünde agzybirlikli, dost-doganlykly gatnaşyklarymyzy, umuman, bütin adamzadyň ykbalyny ynsanperwer syýasatymyz bilen goraýarys.

Все права защищены

save pdf date >>> 06.12.2025

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe halkara derejede Türkmenistan ýurdumyzyň adyny belende galdyrýan  Gahryman Arkadagymyza we Arkadagly Gahryman Serdarymyza çuňňur hoşallygymyzy bildirýäris. Goý, Milli Liderimiziň we hormatly Prezidentimiziň janlary sag, ömürleri uzak, tutýan tutumly işleri rowaçlyklara beslensin!

**Orazberdi HOMMYÝEW**
**Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň mugallymy**

Все права защищены